**“Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda “Daşary ýurt dillerini öwrenmek – paýhaslylyga açylýan gapydyr” (Learning foreign languages is the doorway to wisdom) atly iňlis dili dersi boýunça geçiriljek onlaýn ders bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşyň ähli ugurlarynda ägirt uly üstünlikler gazanylýar. Gazanylýan üstünlikleriň we beýik ösüşleriň sakasynda milli Liderimiziň il-ýurt bähbitli “Döwlet adam üçindir” diýen adalatly syýasaty durýar.

Milli ruhda terbiýelenen, ylymly-bilimli ýaşlary ýetişdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Hormatly Prezidentimiziň öwüt-nesihatlary, sargytlary ýaş nesilleri üçin terbiýeçilik mekdebi bolup durýar.

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen, “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026-2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyna” we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2026-2030-njy ýyllar üçin Meýilnamasyna laýyklykda “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde “Daşary ýurt dillerini öwrenmek – paýhaslylyga açylýan gapydyr” (Learning foreign languages is the doorway to wisdom) atly iňlis dili dersi boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirilýär.

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

Şu düzgünnama Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili boýunça ders bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Gahryman Arkadagymyzyň “Ýaşlarymyzy ylma-bilime, döredijilik işlerine höweslendirmek, ýokary watançylyk, päk ahlaklylyk we belent ynsanperwerlilik ruhunda terbiýelemek elmydama biziň baş maksadymyz bolmagynda galýar” diýen dürdäne sözlerinden ugur alyp, ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli, Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026-2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2026-2030-njy ýyllar üçin Meýilnamasynyň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde “Daşary ýurt dillerini öwrenmek – paýhaslylyga açylýan gapydyr” atly iňlis dili dersi boýunça “onlaýn ders bäsleşigi” talyp ýaşlaryň iňlis dilinden öwrenen nazary we amaly bilimlerini döredijilikli kämilleşdirmeklerine hem-de umumy dünýägaraýyşlaryny ösdürmeklige, ylym-bilim derejesini, söz baýlyklaryny artdyrmaklyga, gözýetimini giňeltmeklige, zehinlerini has-da ýokarlandyrmaklyga şeýle terbiýeçilik ähmiýetli işleri alyp barmaklyga gönükdirilendir.

## II. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

**Bäsleşigiň maksady:**

a) ýokary okuw mekdepleriň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek;
b) talyp ýaşlaryň iňlis dilini düýpli we hemmetaraplaýyn öwrenmeklige gyzyklanmasyny artdyrmak hem-de çuňňur bilimliligini ösdürmek;
ç) häzirki döwüriň talaplaryna görä talyplaryň iňlis dili boýunça öwrenen nazary we amaly bilimlerini döredijilikli kämilleşdirmeklige ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmek;

**Bäsleşigiň wezipesi:**

a) zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak;
b) ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky özara gatnaşyklary pugtalandyrmak;
ç) bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders bäsleşiklerine gatnaşýan ýaşlaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak;

## III. BÄSLEŞIGIŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI WE ŞERTLERI

- Iňlis dili dersi boýunça onlaýn ders bäsleşigi ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilip, her ýokary okuw mekdebinden 3 (üç) talyp gatnaşyp biler;
- Bäsleşikde jemi 50 soragdan ybarat ýumuşlar beriler;
- Bäsleşige beriljek wagt 60 minut;
- **Bäsleşik 2026-njy ýylyň mart aýynyň 27-ne sagat 12:00-da** geçiriler;
- Bäsleşige gatnaşjak talyplar we jogapkär mugallym baradaky maglumatlary **2026-njy ýylyň mart aýynyň 20-ne** çenli aşakda görkezilen görnüşinde *word (*.docx) faýlynda* tdu-englisholimpiad@mail.ru salgysyna ugratmaly.

**ÝOKARY OKUW MEKDEBINIŇ ADY**

| T/B | Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Ýyly, hünäri | El telefony, elektron poçtasynyň salgysy |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |
| **Jogapkär mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady, wezipesi, telefon belgisi** | | | |

## IV. BÄSLEŞIGIŇ EMINLER WE GÖZEGÇILIK TOPARY

- Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili boýunça ders bäsleşigini üstünlikli geçirmek we jemini jemlemek üçin Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan eminler topary döredilýär;
- Arz-şikaýatlar bilen diňe toparyň ýolbaşçysy eminler toparyna ýüz tutup biler;
- Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär.

## V. BÄSLEŞIGIŇ JEMINI JEMLEMEK WE ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

- Bäsleşigiň ýeňijileri emin agzalary tarapyndan şahsy toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener;
- Ýeňijiler gatnaşyjylaryň 30% bolar we olar I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.
- Ýeňijiler Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan diplomlar bilen sylaglanar.

**Guramaçylyk topary**
**Telefon: +99363474474;**
**e-mail: tdu-englisholimpiad@mail.ru**